# «Garşylygym bar» diýen çikagoly

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Garşylygym bar" diýen çikagoly “GARŞYLYGYM BAR” DIÝEN ÇIKAGOLY

Professor Jon Žozef Mirşaýmer …
Amerikan raýaty…
Çikago uniwersitetiniň halkara gatnaşyklary fakultetiniň mugallymy. Oňa dünýäniň esasy teoretiklerinden biri hökmünde baha berilýär.
«Çozuwçy realizmiň» teorerikleriden.
Ýagny… Dünýäni konkurentçi görýän Mirşaýmeriň pikiriçe döwletler ýaşamagyna dowam etmek üçin güýjüni iň ýokary derejä çykarýar. «Uly güýç syýasatlarynyň tragediýasy» kitabynda-da ABŞ-nyň Ýakyn Gündogar syýasatyny berk ýazgarýar. Ýagny… Mirşaýmer *«Uly güýçler ýaşamak üçin güýçlerini artdyrmagyň gerekdigini bilýärler, ahyrsoňunda bu güýç artdyrmalary-da olaryň tragediýasyna öwrülýär»* kesgitlemesini berýär. (Türk Akademiýasynyň realizm synagy we realizmden peýdalanma gollanmasy», Jelil Ýigit, 18.03.2020 ý.)
**Nämüçin Jon Mirşaýmerden mysal aldym?** Çünki… Geçen hepde onuň Youtube-de eden çykyşy “Günbatardan nägilelik” hökmünde diýseň ähmiýetli. Çünki… «NATO-çylyk-Putinçilik” halkasynda Türkiýede gidýän jedelleriň bütin dünýäde-de bolýandygyny görmegimiz gerek!

- **Kuba raketa konfliktinde näme boldy?**

Mirşaýmer Russiýanyň Ukraina çozmagyna sebäpkärleriň «ABŞ we onuň ýaranlarydygyny» öňe sürýär:
*“…Günbataryň 2008-nji ýyldan bäri etjek bolýan zady Ukrainany Russiýanyň serhedinde günbatarly gala diwaryna öwürjek bolmak. Bu syýasatyň üç tarapy bar. Birinjisi we iň esasysy NATO-nyň*

*Ukrainany-da öz içine alýan hem-de NATO-ny Gündogara bakan giňeltjek şekilde giňemegi. Strategiýanyň ikinji tarapy Ýewropa bileleşiginiň (ÝB) giňemegidi. Başgaça aýdanda diňe Ukrainany öz içine alýan NATO giňelmesi bolman, eýsem ÝB-ni hem giňelmek göz öňüne tutulýardy. Strategiýanyň üçünji tarapy reňkli rewolýusiýalardy. Ukrainany hut Angliýa, ABŞ ýaly bir tüýsli liberal demokratiýa öwürme pikiri. Diňe liberal demokratiýa-da däl, ABŞ bilen soýuzdaş liberal demokratiýa. Günbatarly gala diwary strategiýasy.»*

Eýsem, bu ýalanmy näme?

ABŞ özüne ýaran liberal demokratiýa islänokmy?

Monro doktrinasy näme diýýär, serediň-ä…

Monro doktrinasynda *«Uzakdaky güýjüň Günbatar ýarymşardaky bir ýurt bilen ýaranlyk gurmagyna rugsat berilmeýär. Hiç bir ýagdaýdq Günbatar ýarymşara ýerleşmegine-de ýol berilmeýär»* diýilýär.

Kuba raketa konfliktinde (1962-nji ýylyň oktýabr aýy) şeýle ýagdaý bolup geçipdi! Sowet Soýuzy ýadro raketalaryny Kuba ýerleşdiripdi. Mirşaýmer hem 1962-nji ýyla gaýdyp gelýär we şu kesgitlemäni berýär:

*«…ABŞ munuň kategoriki taýdan ylalaşyp boljak zat däldigini aýtdy. Harby güýçlere Günbatar ýarym şarynda rugsat berip bolmaz. Netijede raketalar aradan aýryldy. SSSR Kubada harby-deňiz bazasyby gurmagy orta atanda, ABŞ muňa düýpgöter garşy çykdy. ABŞ Günbatar ýarym şaryny özüniň mellek ýeri saýýar. Alysdaky uly güýçleriň mellek ýerine girmegine garşy çykýar. Eýsem… Ruslar edil alkymynda ABŞ tarapyndan galkana öwrülen Ukrainadan biynjalyk bolan däldir öýdýärsiňizmi?»*

Mesele "Ýok bolsun, uruş" diýip gygyrmakda bolsa, hemmämiz gygyrýarys! Emma… Ykdysady-syýasy dawany görmezlige salyp gygyran bolmak «ABŞ-nyň Türkiýä hiç hili ýamanlyk etmändigine» çenli barýar, 6-njy martda «T24»-iň žurnalisti Hasan Jemala «ABŞ, Ýewropa bileleşigi, NATO, Günbatar ýaranlygy bolmadyk bolsa… Demokratiýalaryň öňi açylmazdy…» ýazgysyna çenli ýazdyrýar!

Dowam edeliň…

**• “Iñlisler akmaklyk edip, esmines gezdirdi”**

Professor Jon Mirşaýmer «NATO-nyñ 2008-nji ýylyñ aprelinde geçen Buharest duşuşygy möhüm ähmiýete eýe. Bu duşuşygyñ netijesinde NATO Gürjüstany we Ukrainany bileleşigiñ düzümine aljakdygyny mälim etdi. «Hökman alarys» diýdiler, wessalam! Russiýa munuñ hiç bir ýagdaýda munuñ beýle bolmajakdygyny aýtdy» diýýär: «Ukrainalylara tälim berip, ýaraglandyrýarys. Hamana Ukraina ýaranymyz ýaly gürleýäris. Diplomatik we harby gatnaşyklarymyz berkeýär. Ukrainanyñ daşynda ruslary epeý bimaza edip biljek birtopar prowokasion hereketleri gurnaýarys. **Iñlisler akmaklyk edip, 2021-nji ýylyj iýun aýynda rus deñiz çäginde esminesini (Эскадренный миноносец) gezdirdi.** Amerikanlar bombalaýjy uçarlaryny Garadeñizdäki rus kenarýakasyna sürdi. Ruslar halys ýadady we indi gepleşik geçirjek bolubam duranoklar. Olar häzirki ýagdaýy üýtgetmek isleýärler.»

**• Eýsem munuñ çykalgasy ýokmy?**

Mirşaýmeriñ pikiriçe *«2014-nji ýylyñ 22-nji fewralynda Ukrainany NATO-nyñ agzasy etjek bolup toslap tapan zadymyz bolgusyz teoriýady. Çünki ylalaşmadyk bozuk syýasatymyzy görmegiñ ýerine ruslary günäkärledik»* diýýär we sözüniñ üstüne goşýar: *«…Ideal ýagdaý neýtro Ukrainany döretmek. 1991-2014-nji ýyllardaky ýaly. Russiýanyñ we NATO-nyñ arasynda tampon ýurtlugyna galmaly. Emma indi gijä galyndy.”*
**NETIJE:** Kim uruş isleýär? Hiç kim islemeýär! Emma… Baryp-ha Çikagodan görülýän hakykatyñ Türkiýede käbirleri tarapyndan görülmeýändigi juda gynandyryjy!

Aýtunç ERKIN.

«SÖZCÜ» gazeti, 08.03.2022 ý. Publisistika